# Meniñ ahwalym – gyşyñ ykbaly…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Meniñ ahwalym – gyşyñ ykbaly… MENIŇ AHWALYM – GYŞYŇ YKBALY…

Dekabr aýazy gondy ýurduma,
Tebigat bürendi gazap nikabyn.
Meçew berip meniň köne derdime
Ýyldyzlar soraýar ýyllaň hasabyn…

Ümürler gizleýär bagtyň ýodasyn;
Şekiller düşnüksiz doňan peýzažda.
Leglek ruhum gözläp wysal adasyn
Derýa-deňizlere edip ýör sežde.

Bir tarapda ruhsuz tenim – ýalaňaç,
Goşa, şor çeşmeden kökün suwarýar..
Bir tarapda bokurdagy dolan gyş,
Aglabilmän ýalaz-aýaz ýüwürýär…

Gyrawlan söýgimi ýatladýan baglar,
Bilsediler has bagtyýardyklaryn.
Bahary ýene-de gujaklar olar,
Men bolsa ýitirdim yşgyň depderin…

Sowuk nazaryňa sezewar bolan
Dünýämde gyş hekem ýyllardan bäri..
Ýylanok gursagym – ýylanok jahan,
Ne Gün täsir edýar, ne ot, ne däri.

Jahana kim peşgeş berdikä gyşy?
Ýa düşdikä kimiň sowuk bakyşy?…

© Taýmaz SEÝIDOW. Goşgular